# Soňky wagt

Category: Kitapcy,Oýlanmalar,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Soňky wagt SOŇKY WAGT

Soňky wagtlar solan güller hoşuma gidýar. Belki şoň üçindir içimdäki kebelejiklerimiňem meni terk edeni. Içim daşymdan yza galyp barýar öýdýän. Wagt täsir etmeýän ýaly. Daşyma bahar gelsede içimde güýz. Henizem bahara garaşyp oturşym. Ýapynjamam maňa ýylylyk berenok. Sözlerem ýigrenip başladym, olaram maňa päsgel berýär soňky wagt. Seslerden ýadadym. Sessizlige tarap ýöräsim gelýar…
Hiçkim ýok ýerde ümsümligi diňläsim gelýär…
Ýazasym gelýär… Gorkunçly duýgular hakda ýazasym gelýär, olary maňa aşyk bolaryndan saklasym gelýär…
Ýanymdaky sessiz kölegäni diňläsim gelýär…
Käbir zatlary terk edesim gelýär, edil käbir zatlar meni terk edişi ýaly…
Durmuşyma çakylyk hatysyz gelen kişileri durmuşymdan binamyslarça çykarasym gelýär…
Düşnüksiz duýgularma düşünesim gelýär…
Içimdäki özüm daşymdaky özümi gynasy gelýär…
Sagadyъ diljagazyny tersine hereketlendiresim gelýär…
Gerekmejek duýgularymy duýgusyzlara sadaka edesim gelýär.
Aglasym gelýär… Oýlanmalar